Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy tarapyndan «Energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmak arkaly goýy suwuklykly dietilenglikoly gaýtadan dikeltmekde innowasiýalar» atly tehnologiýa üçin awtorlyk hukugy bellige alyndy we degişli güwänama berildi. Bu oýlap tapyş ýurdumyzyň ylmy-tehnologik ösüşiniň nobatdaky üstünlikleriniň biri hökmünde energetika pudagynda täze mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýalar parkynyň energiýa önümçiligi we tygşytlamasy barlaghanasynda M.Hudaýberdiýew, R.Esedulaýew, D.Gadamow we A.Pirmedow tarapyndan işlenip taýýarlanan bu innowasiýa, nebitgaz kondensatly ýataklarda dietilenglikoly gaýtadan dikeltmek işini has-da netijeli we ekologiýa taýdan arassa görnüşde amala aşyrmaga gönükdirilendir.




Tebigy gazyň düzümindäki suw bugy belli şertlerde metanyň gidratlaryny döredip, turba geçirijileriň dykylmagyna we enjamlaryň zaýalanmagyna sebäp bolýar. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin giňden ulanylýan dietilenglikolyň ýokary derejede siňdiriji häsiýetini üpjün etmek zerur bolup durýar. Täze tehnologiýa energiýanyň alternatiw çeşmelerinden peýdalanyp, goýy suwuklykly dietilenglikolyň ýuka gatlagyny döretmek arkaly bu meselä çözgüt hödürleýär.

Bu usul energiýa çykdajylaryny ep-esli azaldyp, ýylylygyň ýitmeginiň öňüni alýar we daşky gurşawa zyýanly täsirleri peseldýär. Kömürturşy gazy we beýleki zyýanly maddalaryň bölünip çykmazlygy bilen tapawutlanýan bu tehnologiýa, diňe bir tebigy gazyň guradylmagynda däl, eýsem, nebitiň akyjylygyny ýokarlandyrmakda hem-de turba

Все права защищены

geçirijilerde emele gelýän ýagly-parafin dykynlaryny aradan aýyrmakda hem netijeli ulanylyp bilner.

Netijede, bu innowasion çözgüt energetika pudagynda durnukly ösüşi üpjün etmek bilen bir hatarda, ykdysady taýdan bähbitli we ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalaryň ösdürilmegine uly goşant goşýar.

**Jumanazar BATMANOW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены